Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# a). Dymyk we açyk çekimsizler

**1-nji gönükme.** Okaň we has gara ýazylan sözleriň ilkinji harpynyň nähili çekimsizdigini aýdyň.

## Okuw başlandy

Bu ýylky şatlykly, şagalaňly **tomusky** dynjalyş günleri-de **tamamlandy.** Siz ýene ýagty **klaslara dolduňyz.** Täze okuw ýyly **başlandy.** Tomsuň **gyzykly** günleri entek-entekler ýadyňyzdan **çykmaz.** Sebäbi siz tomus **sagaldyş** meýdançalarynda dynç alyp, geň-enaýy wakalaryň şaýady bolansyňyz.

Obada ýa-da şäherde ýaşaýan **tanyşlaryňyza, garyndaşlaryňyza** gezelenje gidensiňiz. Ata-eneňize ýakyndan **kömek berensiňiz.**

Ynha, indi. bolsa siziň öňüňizde **bilimiň** täze basgançaklary dur. Goý bu okuw ýyly hem siziň gündelikleriňize **dörtlük,bäşlik** bahalary **getirsin.**

1. Hekaýanyň mazmunyny *öz* sözleriňiz bilen aýdyp beriň.
2. *Garyndaş* sözüniň manasyny Kitabyňyzyň soňundaky sözlükden öwreniň.

**tomus**

* * *

**2-nji gönükme.** Okaň we has gara ýazylan sözleriň ilkinji harpyny göçüriň.

Okuw **gutarypdy.** Klas otagynda diňe Pirli ikimiz galypdyk. Diwar gazetini **taýýarlaýardyk. Pirliniň**

surat **çekişine** haýran galaýmalydy. Ol gazetiň adyny owadanlap ýazdy. Gazetiň adynyň çep gapdalynda ýaşyl baýdagyň suratyny çekdi. Ol özüne tabşyrylan işi edip boldy-da, maňa ýüzlenip: "indi gezek seniňki. Şu gezek bir owadan ýazyp **bilýändigiňi** görkez" diýdi.

Men derrew işe girişdim. Owadan ýazjak bolup, gaty jan etdim.

1. Göçüren harplaryňyzyň nähili çekimsizlerdigini aýdyň.
2. Hekaýadan alnan ýokarky bölegiň mazmunyna laýyk sözbaşy tapyň.

Turkmenkultur.com

## Ýadyňyzdamy?

K, p, t, ç dymyk çekimsizlerdir.

G, b, d, j açyk çekimsizlerdir.

* * *

**3-nji gönükme.** Hekaýany okaň we her sözdäki açyk hem-de dymyk çekimsizleri aýdyň.

Mylly Täçmyradow türkmen sungatynyň meşhur ussadydyr. Ol ençeme bagşy-sazandalaryň halypasydyr. Mylly Täçmyradow 1886-nji ýylda Gokdepaniň Ýaňgala obasynda eneden bolýar.

Onda çagalykdan saza bolan höwes başlanýar." Ol Sary bagşy, Kel bagşy ýaly ussallardan tälim alýar. Mully aganyň çalan "Humarala", "Balsaýat", »Keçpelek" ýaly ençeme sazlary şu günler hem uly höwes bilen diňlenilýär.

* * *

**4-nji gönükme.** Okaň we göçüriň. Dymyk çekimsizleriň aşagyna bir çyzyk, açyk çekimsizleriň aşagyna iki çyzyk çyzyň.

**Türkmenistan**

Türkmenistan Garaşsyz döwlet boldy. Muny ata-babalarymyz köpden bäri arzuw edip gelipdirler. Halk özüniň wepaly ogly Saparmyrat Nyýazowy dowletimiziň prezidentligiňe saýlady. Saparmyrat Türkmenbaşy halky eşretli ýaşatmak üçin kän tagalla edýär.

Halkymyz Saparmyrat Türkmenbaşa uly hormat goýýar. Saparmyrat Türkmanbaşy 9-njy Halk maslahatynda ýurdumyzyň Baky Prezidentligine saýlanyldy.

Türkmenkultur.com